# Tersden Robin Gud!

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Tersden Robin Gud! TERSDEN ROBIN GUD!




Dünýäniñ iñ baý adamy Ilon Mask häzir ABŞ-nyñ prezidenti Trampyñ iñ ýakyn egindeşi. Amerikan žargony bilen aýdanda «buddisi»… Trampyñ maşgalasy oña «Uncle Sam»-y añlatjak şekilde «Uncle Elon» (Ilon akga) diýip ýûzlenýär. «Dünýä lideri» jañ edýär, Tramp birazajyk gürländen soñ «Dur, bir minut» diýýär-de trubkany Maska uzadýar. Ýanynda hemişe şol bar. Ilon Mask Trampyñ hökümet düzüminde alymlara gözegçilik edýär, başky gepleşikleri geçirýär. Çynymy aýdýaryn. Soñky gezek Eýranyñ ilçisi bilen gizlin bir ýerde duşuşyp, Eýran-ABŞ gatnaşyklaryny-da ara alyp maslahatlaşdy.
Üstesine resmi wezipesi-de bar. 320 milliard baýlygy bar adam. ABŞ-nyñ Tygşytlylyga jogapkär ministri bolup işe başlamaly. Etmeli iş isripçiligiñ öñüni almak. Şu döwürde ýaşamak üçin ajaýyp işgär bolmalydygy aýdylýar, ýöne Mask bu düşünjäni täze sepgide çykarýar: Göz gyrpmagyñam wagt ýitgisi saýylýan dünýä sary!

- **«Kowuldyñ» diýäýmese…**

Maskyñ öz sözleri bilen aýdanda, «wagtyñyzy tygşytly ulanyp

bilmeýän bolsañyz, nämä ýaşaýarsyñyz?»
Bu gödek aforizm onuñ bütin durmuş pelsepesiniñ mazmuny ýaly. Çölde suw tapmak ýaly seýrek duş gelen dynç alyş sagatlary we «mukaddes» saýylýan hepdäniñ soñky günleri Maskyñ sözlüginde «tygşytsyzlyk» manysyny berýär.
Ilon Mask ýokary okuw jaýynda okap ýörkä hepdelik iýmit çykdajysyny 1 dollara düşürmek üçin hotdog çöregini, sosiska we pyrtykal iýýärdi. Şol wagt ol ýaşaýan öýüni «gijeki klub» (bar) ýaly ulanyp, üýşmeleñ gurap, bilet satyp pul gazanandygy mälim. «Teslanyñ» ilkinji günlerinde çykdajylary gysmak üçin ofisde ýatyp-turýardy. Ofisde diwanyna süýnüp oñdy. Kaliforniýadaky emlägini satyşdyryp, göçme konteýner öýde ýaşamaga başlady. Öýüñ bahasy bary-ýogy 50 müñ dollara durýardy. «McLaren F1» satyn alanam bolsa, bu ulagy kän ulanmady. Elektrik togy bilen işleýän awtoulag öndürenden soñ aşagyna hakyky «Tesla Model S» aldy.
Donald Trampyñ «kowuldyñ» sözi bilen sinonimleşen «Apprentice» («Şägirt») programmasyndaky ýaly Mask hem dolandyrýan kompaniýalarynda çykdajylary azaltmak üçin köpçülikleýin çäklendirmeler (sokraşeniýe) bilen meşhur. «Twitteri» satyn alandan soñ kompaniýanyñ 7 mdñ 500 işgäriniñ ýarsyny kowdy. «Tesla» hem şu ýyl şahsy düzümini 10% azaltmakçy. Ýagny 14 müñ işgärini işden çykarýar.

- **Ukumy? Näme üçin!**

Ilon Maskyñ ministrlikdäki ilkinji işi näme bolar öýdýärsiñiz? Döwlet edaralaryndaky kofe içmek üçin çykylýan arakesmeleriñ «köp wagtyñ ýitirilmegine getirýändigi» üçin onuñ ýatyrylmagyny teklip etmek! «Robotlar kofe içenok, adamlar nämüçin içmeli?» diýjek derejede öte geçip başlady. Elbetde, onuñam çykalgasy bar: Işgärlere güýç berýän gerdejikleri paýlamaly!
Hepdede 100 sagat işleýär. Bir gün inžener, bir gün söwdagär. «Tesladan» «SpaceX»-e, «Neuralink»-den «Twittere» uzaýan bu haotik dünýäsinde «uky» gereksiz zat. Golliwidyñ Iron Man obrazy-da Maskyñ mysalynda dörediliпdir.

Ilon Mask döwletde isripçiligiň öňüni alyp bilermi? Ony biljek däl, ýöne işgärleriň başyna inen bela boljakdygy belli. Hatda häzirki döwrüň Robin Gudy-da bolmagy-da ahmal. Sebäp garybyň wagtyny ogurlap, baýlara berýär.




- **«Avengers» topary ýaly hökümet düzümi**

Prezident Trampyň hökümet düzümine alan adamlary hakykatdanam başymyza bela bolup ýa-da dünýäni uruşdan halas edip biler. Käbirleriniň adyny agzap geçeliň:

Döwlet Howpsuzlygy boýunça geňeşçisi Maýkl Uolts – ýaşyl beretkaly ofiser.

Ilon Mask – Marsda ilkinji ýaşaýyş massiwlerini gurmagy meýilleşdirýär.

Goranmak ministri Pit Hegset – Owgan urşunyň weterany, endam-jany tatiurowkadan doly, eli tüpeňli Pentagonda gezip bilýän adam.

Adalat ministri Mett Gets – jynsy zorlukda, narkotiki serişdeleri ulanmakda we adam ogurlygynda aýyplanyp, garşysyna derňew işi açylan.

Saglygy goraýyş ministri Robert F.Kennedi Jr. – agasy Jon Kennediniň janyna kast edilipdi. Kakasyň-da prezident saýlawlaryna taýynlanyp ýörkä janyna kast ed8ldi. Ol sanjyma we aborta garşy.

MRU-nyñ (CIA) direktory Jon Retkliff – Tehas ştatynyñ baş prokurory bolup işlände bir howla dökülip, bir günde 300 migranty tussag edendigini aýdyp öwünýär.

Güneý ÖZTÜRK.

«SÖZCÜ» gazeti, 21.11.2024 ý. Publisistika